# Mätäç men…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Mätäç men… MÄTÄÇ MEN…

“Hiç kişiden kömek hantama bolma…”
Diyip ýazan şahyr bar bir sowalym.
Belki-de, dogrudyr aýdanyň, ýöne,
Ýeňip bormy onsuz durmuş zowalyn?

Agysyny aglamasaň ýetimiň,
Ejize ganyma bolmasaň böwet.
Ýekelik derdini çeken biriniň
Hupbatyn ýeňledip, bolmasaň şöwket.

Bir-birege hemaýatyň gerekdir,
Bilýän pili süýräp bilmez şagalllar.
Ýöne pilem hemaýata mätäçdir,
Daşyn alsa gurrumsaklar, gagallar.

Pudagyndan ýere gaçan ýapragyň,
Haly teňdir, bolmaz oňa alajyň.
Ýöne weli hemaýatyň ne ýagşy,
Seň ýanyňda ne işi bar ajalyň?

Özüňem, atańam, eneňem mätäç,
Ýakyn-ýada, dosty-ýara kömegiň.
Eý, sen, öz-özünden göwnühoş adam,
Nirä barýaň göge tutup temegiň?..

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular